Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**P. GULAMOW, Ş. MIRZAHMATOWA**

# Bizi gurşaýan älem

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 2-nji synpy üçin derslik**

**Gaştadan işlenen we doldurylan altynjy neşir**

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilimi ministrligi tarapyndan tassyklanan*



**Çolpan adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi**
**Daşkent — 2018**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

UO‘K 372.362(075)
KBK 20.18ya71
A 87

**Jogapkär redaktor:**

H. Wahobow – geografiýa ylymlarynyň doktory, professor.

**Syn ýazanlar:**

I. Sagdullaýew – biologiýa ylymlarynyň kandidaty, dosent;

M. Bosithanowa – Daşkent şäherindäki 324-nji mekdebiň başlangyç synp mugallymy.

## Şertli belgiler:

**Soraglar**

**Ýumuşlar**

**Amaly iş**

**Dersiň soňy**

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi**

ISBN 978-9943-05-819-4

© P. Gulamow, Ş. Mirzahmatowa, 2018
© Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2016
© Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2018

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# BIZI GURŞAÝAN ÄLEMI ÖWRENÝÄRIS



## 1-§. BIZI GURŞAÝAN ÄLEM

Siziň görýän ähli zatlaryňyza — agaçlara, güllere, suwlara, maşynlara, kebeleklere, daglara, Güne, Aýa we ýyldyzlara bizi gurşaýan älem diýýäris (1-nji surat).

Bizi gurşaýan älem örän dürlüçe bolup, syrlary köpdür.

Adamlar gadymdan tebigaty öwrenmäge gyzyklanypdyrlar. Onuň syrlaryny açmaga ymtylypdyrlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




1-nji surat. *Bizi gurşaýan älem*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Bizi gurşaýan älemi öwrenmek oňa gözegçilikden başlanýar. Biz ony duýgy organlarymyzyň kömeginde duýýarys we gözegçilik edýäris.

Gözümiz görýär, gulagymyz eşidýär. Dilimiz tagamy, burnumyz ysy, derimiz yssy we sowugy duýýar (2-nji surat).

Käbir hadysalary bilmek üçin amaly işler geçirýäris. Tebigata seýle çykýarys.

Tebigatda gözegçilik eden zatlarymyzy we hadysalary «Iş depderine» ýazýarys.




2-nji surat. *Adamyň duýgy organlary:*
*1 – burun; 2 – gulak; 3 – göz;*
*4 – dil; 5 – deri.*

**Daýanç sözler:** bizi gurşaýan älem, duýgy organlary, hadysa, iş depderi.

## Soraglar

1. Bizi gurşaýan älem näme?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Nähili duýgy organlaryny bilýärsiňiz?
3. «Iş depderine» nämeler ýazylýar?

**Ýumuş**

«Iş depderini» tutuň. Şu depdere ýumuşlaryň jogabyny, her günki howa ýagdaýyny we alamatlaryny bellik ediň.

## 2-§. TEBIGATDAKY JISIMLER WE MADDALAR

Siziň görüp duran ähli zatlaryňyz jisim we maddalardan ybarat: bina, maşyn, agaç, kitap, stol, stul. Biz ýaşaýan Ýer, asmandaky Gün, Aý, ýyldyzlar hem jisimdir.

Käbir jisimler tebigy bolýar (3-nji surat). Käte jisimleri adamlar ýasaýar (4-nji surat).



3-nji surat. *Tebigy jisimler*

Jisimler maddalardan düzülen bolýar. Maddalar tebigy ýagdaýda hem duşýar. Olardan dürli şekildäki jisimleri ýasamak bolýar. Demirden tigir, kätmen, maşynlar ýasalýar.

Munda tigir, kätmen, maşynlar — jisimler, demir bolsa maddadyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



4-nji surat. *Adamlaryň ýasan jisimleri*

Mis, altyn, duz, suw, şeker, biz dem alýan howa hem maddadyr. Tebigatda duşýan köp maddalar üç hili: suwuk, gaty we bug halynda bolmagy mümkin. Ony suwuň mysalynda seredýäris. Bir bölek buzy sowadyjydan alyp gaba salyp goýsak, ol eräp suwa öwrülýär. Suwy gaýnatsak, bug emele gelýär. Diýmek, suw gaty (buz), suwuk (suw) we bug (gaz) halynda duşýar (5-nji surat).

Islendik jisim we madda belli bir agyrlykda bolýar. Olaryň agyrlygy terezileriň kömeginde ölçelýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




5-nji surat. *Suwuň üç halyndaky görnüşi: 1 – suwuk haly (suw); 2 – bug haly; 3 – buz haly.*

**Daýanç sözler:** jisim, madda, gaz, agyrlyk, bug.

## Soraglar

1. Jisim näme? Töweregimizde nähili jisimler bar?
2. Madda näme? Nähili maddalary bilýärsiňiz?
3. Maddalar nähili hallarda bolýar?

## Ýumuş

Öýüňizde suwuň üç halynda bolýandygyny tejribe edip görüň. Munuň üçin sowadyjynyň buzhanasyndan bir bölek buz alyň. Bu — suwuň gaty haly. Indi ony käsä salyň. Ol eräp, suwuk halyna — suwa öwrülýär. Soňra şol suwy gaýnatsaňyz buga öwrülýär we howa göterilýär. Bug — suwuň gaz halydyr.

Tejribäni ulularyň kömeginde ýerine ýetiriň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 3-§. HOWA ÝAGDAÝY

Bu gün ir bilen howa açyk, ep-esli salkyn boldy. Günortan howa birneme maýlady. Agşamara asmanda bulut peýda boldy. Howanyň ynha şeýle gysga wagtdaky halyna howa ýgdaýy diýilýär. Howa tiz-tiz üýtgäp durýar (6-njy surat). Bahar, ýaz, güýz we gyş pasyllarynyň howa ýagdaýy bir-birinden tapawutlanýar.

Howa ýagdaýynyň nähilidigi onuň belgilerine garap anyklanýar. Howanyň temperaturasy, bulutlylyk, ýagynlar, şemallar howa ýagdaýynyň alamatlary diýilýär.

**Howa ýagdaýlarynyň şertli belgileri**

| | | | |
|---|---|---|---|
| ○ | Howa açyk | ❄ | Gar |
| ● | Howa bulut | 🌧 | Ýagyş |
| ◑ | Howa ýarymbulut | | |

Howa ýagdaýynyň nähilidigini bilmek üçin oňa hemişe gözegçilik edilmeli. Gözegçilik maglumatlary «Iş depderine» ýazylýar.

Howa ýagdaýynyň belgileri dürli gurallaryň kömeginde ölçelýär. Howanyň temperaturasy



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




6-njy surat. *Howa ýagdaýy: 1 – howa açyk: 2 – howa bozuldy; 3 – ýagyş ýagýar; 4 – tokaýy ümür örtdi.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

termometr (7-nji surat), ygalyň mukdary ýagyn ölçeýji gural bilen ölçelýär.

Howa maýlanda termometriň turbajygynyň içindäki simap giňelip, ýokary galýar.

Simap şkaladaky haýsy sifre çenli göterlip saklansa, howanyň temperaturasy şonça gradus bolýar.



7-nji surat. *Termometrler:*
*1 – howanyň temperaturasyny ölçeýän;*
*2 – suwuň temperaturasyny ölçeýän;*
*3 – bedeniň temperaturasyny ölçeýän.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Howa yssy bolsa, sifriň öňüne «+», sowuk bolsa, «—» belgisi goýulýar.

## Amaly iş

Termometriň kömeginde howanyň temperaturasyny ölçemek.

Temperaturanyň näçe gradusdygyny «Iş depderi»ne ýazyp goýuň.

**Daýanç sözler:** howa ýagdaýy, howa alamatlary, temperatura, ýagyn, bulutlylyk, termometr, gradus.

## Soraglar

1. Howa ýagdaýy diýende nämä düşünýärsiňiz?
2. Howa ýagdaýynyň belgileri nämeler?
3. Termometrler bilen näme ölçelýär?

## Ýumuş

Şu günden başlap howanyň ýagdaýyna gözegçilik ediň we indiki ders bolýan güne çenli howa ýagdaýynyň nähili bolandygyny «Iş depderi»ne ýazyp geliň.

## Howa ýagdaýynyň alamatlary

- Tüsse dik ýokary galsa, howa üýtgemeýär.
- Gijesine çyg, gyraw galyň düşse, ertesi howa açyk bolýar.
- Ir bilen gün gyzaryp çyksa, howa bozulýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÜLKÄMIZDE GÜÝZ



## 4-§. ÝYLYŇ PASYLLARY

Biziň Watanymyz — Özbegistanda her ýylda dört pasyl nobat bilen çalşyp durýar. Bu bahar, ýaz (tomus), güýz we gyş pasyllarydyr (8-nji surat). Her bir paslyň howa ýagdaýy bir-birinden tapawutlanýar.

Ösümlikleriň reňki hem her pasylda dürli görnüşde bolýar.

Pasyllaryň çalyşmagy Güne baglydyr. Günden gelýän şöhle Ýer ýüzüni ýagtylandyryp, gyzdyrýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




8-nji surat. *Ýylyň pasyllary:*
*1 – bahar; 2 – ýaz; 3 – güýz; 4 – gyş.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Eger Gün şöhle saçmanda-dy Ýer ýüzi sowuk we garaňky bolardy. Ýerde ýaşaýyş bolmazdy, ösümlikler ösmezdi.

Howanyň ýagdaýy-da Güne bagly. Ýazda Gün belent göterilýär. Onuň şöhlesi Ýeriň üstüne dik düşýär, şonuň üçin günler uzyn we yssy bolýar.

Gyşda bolsa Gün belent göterilmeýär, şöhlesi ýapgyt düşýär. Şonuň üçin gündiz gysga bolup, gijeler uzyn, howa sowuk bolýar (9-njy surat).

Güýz we bahar pasyllarynda Günüň belentligi ortaça bolýar. Şol sebäpli-de günler yssy hem bolmaýar, sowamaýar hem.




9-njy surat. *Günüň tomusda, güýzde, baharda we gyşda asmanda durýan ýagdaýy*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Daýanç sözler:** Gün, ýylyň pasyllary, bahar, ýaz, güýz, gyş.

### Soraglar

1. Ülkämizde her ýyl haýsy pasyllar gezekleşip gelýär?
2. Pasyllar bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar?
3. Günüň bize nähili ähmiýeti bar?
4. Pasyllaryň çalşyp durmagyna näme sebäp bolýar?

### Ýumuş

«Iş depderiňize» aşakdaky jedweli çyzyň. Her bir paslyň aýlarynyň atlaryny ýazyň.

| Gyş | Bahar | Tomus | Güýz |
|---|---|---|---|
| | | | |
| | | | |
| | | | |

## 5-§. GÜÝZÜŇ NYGMATLARY

Güýzde Respublikamyzda bakja ekinleri, şirin-şeker miweler, gawun-garpyzlar bişýär. Pagta açylýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daýhanlar, bagbanlar ýetişdiren hasyllaryny ýygnaýarlar.

Güýz pasly sentýabr, oktýabr we noýabr aýlaryndan ybarat.

Güýz pasly ýurdumyzda hut ähli miweleriň bişýän döwrüdir. Baglarda üzüm, alma, armyt, behi, nar we başga miweler doly bişýär (10-njy surat).

Ekin meýdanlarynda bolsa bakja ekinlerinden gawun, garpyz, kädi; gök önüm ekinlerinden kartoşka, käşir, sogan, şalgam, kelem mazaly bişýär (11-nji surat).

Bularyň hemmesi güýzüň näz-nygmatlarydyr.



10-njy surat. *Ülkämiziň şirin-şeker miweleri*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



11-nji surat. *Gawun we garpyz atyzynda*

Olar gyş gelmänkä ýygyp alynmasa, sowuk urup zaýa bolýar.

Miweler gyşa saklap goýulmagy üçin, ilki daragtlardan ýekän-ýekän ýygyp alynýar (12-nji surat).

Soňra saýlanyp, ýaşiklere esewanlyk bilen ýerleşdirilýär we salkyn ammarhanalarda rejeläp goýulýar.

Pagta örän köp zähmet talap edýän ekin. Pagtany zaýa etmän ýygyp almaly (13-nji surat).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



12-nji surat. *Bagdaky miwe ýygymy*

Gök önüm ekinleriniň köpüsi ýerden köwläp alnyp, arassalanýar.

Olar ýörite ammarlarda saklanýar.

Kartoşka, käşir, turp, şalgamy ýörite urylarda hem saklamak bolýar.

Ekinler ýyglyp alnandan soň, ýer şüdügärlenýär.

**Daýanç sözler:** güýz aýlary, bag, pagta, bakja ekinleri, gök önümler, şüdügär.

**Soraglar**

1. Güýz pasly haýsy aýlardan ybarat?
2. Güýzde haýsy miweler bişýär?
3. Näme üçin miweleri saklap goýýarys?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



13-nji surat. *Maşynda pagta ýygymy*

## Ýumuş

«Iş depderiňize» aşakdaky jedweli çyzyň we miweleriň aşagyna miweleriň, bakja ekinleriniň aşagyna bakja ekinleriniň, gök önümleriň aşagyna bolsa gök önümleriň atlaryny ýazyp goýuň.

| Miweler | Bakja ekinleri | Gök önümler |
|---|---|---|
| | | |
| | | |
| | | |
| | | |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 6-§. JEMGYÝETÇILIK PEÝDALY ZÄHMET

Biz her şenbe güni synpymyzdaky partalary, stol-stullary süpürip, poly ýuwýarys. Synp otagyndaky güllere ideg edýäris, olaryň aşagyna suw guýýarys. Şundan soň mekdep howlusyny süpürýäris.

Ýokary synp okuwçylary bolsa mekdep bagynda miwe we gök önümleri ýygmak, ýere gaçan ýapraklary we guran şahalary ýygmak, agaçlaryň aşagyny ýumşatmak ýaly peýdaly işler bilen meşgullanýarlar.

Ýurdumyzda güýz we bahar pasyllarynda umumyhalk ýowarlary geçirilýär.

Ýowarlarda mähellleleriň ähli ilaty agzybirlik bilen köçeleri, ýaplary arassalaýarlar, agaçlaryň guran şahalaryny gyrkýarlar.

Hemme agzybir işläni üçin köp işler ýerine ýetirilýär. Netijede mähelleler barha abat bolýar.

Şeýle işlere jemgyýetçilik peýdaly zähmet diýilýär (14-nji surat). «Zähmet, zähmetiň soňy rahat» diýýär halkymyz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



14-nji surat. *Jemgyýetçilik peýdaly zähmet*

**Daýanç sözler:** jemgyýetçilik peýdaly zähmet, umumyhalk ýowar.

## Soraglar

1. Şenbe güni sapakdan soň synpda nähili işleri ýerine ýetirýärsiňiz?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Mekdep howlusynda nähili ýumuşlary amala aşyrýarsyňyz?
3. Ýokary synp okuwçylary mekdep bagynda nähili işler bilen meşgullanýarlar?
4. Mähellede nähili jemgyýetçilik peýdaly işler ýerine ýetirilýär?

**Ýumuşlar**

1. Suratlary üns bilen gözden geçiriň. Okuwçylaryň nähili işler bilen meşgullanýandyklaryny aýdyp beriň.
2. Zähmet hakyndaky nakyllary «Iş depderiňize» ýazyp geliň.

## 7-§. GÜÝZDE HAÝWANLARYŇ WE MÖR-MÖJEKLERIŇ ÝAŞAÝŞY

Ýurdumyzyň tebigaty köpdürli bolany üçin, onda dürli haýwanlar ýaşaýar. Haýwanlaryň gyşa taýýarlygy-da her hili. Çölde pyşdyl, ýylan we syçanlar gyşda uka gidýär. Daglardaky köp haýwanlar bolsa pesräge, baýyrlarda we gyrlara düşüp gyşy geçirýär. Möjek, tilki, keýik, towşanlar ine şeýle haýwanlardyr.

Ýer ýüzündäki mör-möjekleriň görnüşi gaty köp. Olar, esasan, gury ýerde ýaşa-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ýarlar. Suwda gury ýere garanda mör-möjekler kemräk bolýar (15-nji surat).

Mör-möjekleriň peýdalylary hem, zyýanlylary hem bar. Çekirtge ekinlere, gyrymsy agaçlara we daragtlara uly zyýan ýetirýär. Çybyn, peşe, büre ýaly mör-möjekler kesel ýaýradýarlar.

Ýöne peýdaly mör-möjekler hem köp. Bal arylary bal ýygmak bilen alma, armyt, şetdaly we başga agaçlaryň güllerini tozanlan-




15-nji surat. *Mör-möjekler: 1 – garynja; 2 – teneçir; 3 – kebelek; 4 – çekirtge.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dyrýar. Tozanlanan güller miwe berýär. Bal arylarynyň baly örän süýjüdir. Ýüpek gurçugy bolsa ýüpek taýýarlaýar. Kekene zyýanly gurçuklary iýýär. Ýagyş gurçuklary ýeri ýumşadyp, onuň hasyllylygyny artdyrmaga kömek edýär. Mör-möjekler, esasan, topar-topar bolup ýaşaýarlar.

Bal arylary mumdan göni öýjükli hin gurýarlar. Garynjalar bolsa ýeri gazyp öý gurýarlar (16-njy surat).

Olaryň öýleri köp otagly bolup, bir otagda Ene garynja ýaşaýar. Iýmitleri başga otagda, ýumurtgalary ýene başga otagda bolýar. Işler hem anyk paýlanýar. Ene garynja ýumurtga guzlaýar. Işçi garynjalar iýmit daşaýarlar, olary arassalaýarlar, çüýrüntgi we gabyklary öýünden daşary çykaryp taşlaýarlar. Söweşjeň garynjalar bolsa Ene garynjany, işçi garynjalary, ýumurtgalary, öýi we ýygnalan iýmitleri goraýarlar.

Köp mör-möjekler gyşda uka gidýärler. Öz hinlerinde ala bahara çenli uklaýarlar. Şonuň üçin olar güýzde gyşa azyk toplaýarlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



16-njy surat. *Garynjanyň hini*

**Daýanç sözler:** mör-möjek, peýdaly we zyýanly mör-möjekler, ene garynja, işçi, söweşjeň garynjalar.

## Soraglar

1. Nähili çöl haýwanlaryny bilýärsiňiz?
2. Nähili dag haýwanlaryny bilýärsiňiz?
3. Peýdaly mör-möjeklerden haýsylaryny bilýärsiňiz?
4. Haýsy zyýanly mör-möjekleri bilýärsiňiz?

## Ýumuşlar

1. Garynjalara syn ediň. Olar hinine nämeleri daşaýandygyny, hininden nämeleri çykaryp taşlaýandyklaryny «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**2.** Garynjanyň hininiň daşky görnüşiniň suratyny çekiň.

## 8-§. ÜLKÄMIZDE DUŞÝAN GUŞLAR

Guşlar dürli şertlerde ýaşamaga gaty gowy uýgunlaşandyrlar.

Olaryň ýelekleri, içi boş, köwek süňkleri uzak wagt asmanda uçup gezmäge kömek berýär. Guşlar uzak ýerlere uçup bilýär.

Ülkämizde hem dürli guşlar duşýar. Ýurdumyzda jemi 410 dörnüşden gowrak guş duşýar. Käbir guşlar suwda gowy ýüzýärler. Çünki olaryň penjeleriniň arasynda perde bar. Guşlaryň ählisi suwa golaý ýerlere höwürtge ýasaýarlar.

Guşlar mör-möjek iýýän, däne iýýän, ýyrtyjy, hemme zady iýýän toparlara bölünýär.

Guşlaryň çüňkleri olar näme bilen iýmitlenýändigine garap dürlüçe bolýar (17-nji surat). Penjesi, dyrnaklary, aýaklary hem ýaşaýan ýerine we näme bilen iýmitlenýändigine garap tapawutlanýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



17-nji surat. *Dürli guşlaryň çüňki*

Suw guşlarynyň çüňki we aýaklary uzyn bolýar. Hemme zady iýýän guşlaryň çüňki kelte. Ördek we gaz suwda ýüzýän guşlardyr (18-nji surat).

Ýyrtyjy guşlaryň penjeleri güýçli, dyrnaklary içerik egrelen, ýiti bolýar (19-njy surat).

Güýzde günleriň sowamagy bilen mör-möjekler kemelýär. Şol sebäpli-de leglek, durna, garlawaç, bedene, bilbil we başga guşlar yssy ulkelere uçup gidýärler.

Käbir guşlar gyşda hem uçup gitmeýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




18-nji surat. *1 – gazlar; 2 – suwda ýüzýän guşlaryň penjeleri; 3 – ördek.*




19-njy surat. *Ýyrtyjy guşlar: 1 – bürgüt; 2 – hüwi.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




20-nji surat. *1 – alagarga; 2 – gara garga.*

Olar serçe, gumry, kepderi, garaguş (maýna) we başgalardyr.

Ülkämize güýzde gargalar uçup gelýärler. Gargalar ekinlerden galan tohumlar, lüýkdäki ownuk balyklar, toprakdaky gurçuklar, garynjalar bilen iýmitlenýärler (20-nji surat).

Guşlaryň peýdasy juda uly. Olar mör-möjekleri, syçanlary iýip, keselleriň ýaýramagynyň öňüni alýarlar. Guşlary aýap saklamaly.

**Daýanç sözler:** guşlaryň iýmitlenişi, mör-möjek iýýän, däne iýýän, ýyrtyjy (et iýýän), hemme zady iýýän, uçup gidýän, uçup gelýän guşlar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Soraglar

1. Ülkämizde guşlar näme bilen iýmitlenýärler?
2. Güýzde uçup gidýän guşlardan haýsylaryny bilýärsiňiz?
3. Güýzde haýsy guşlar ýurdumyza uçup gelýär?
4. Guşlaryň nähili peýdasy bar?

### Ýumuşlar

1. Töwerek-daşyňyzdaky guşlara gözegçilik ediň.
2. Haýsy guşlaryň haçan uçup gidýändigini we haýsy guşlaryň ýurdumyza haçan uçup gelýändigini «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 9-§. ÖSÜMLIKLERIŇ GYŞA TAÝÝARLANYŞY

Ösümlikler üç görnüşde bolýarlar. Olar otlar, gyrymsylar we daragtlar (21-nji surat).

Güýzüň gelmegi bilen, günler sowap, otlar, gyrymsy agaçlar we daragtlaryň ýapraklary saralyp başlaýar.

Munuň sebäbi, günleriň sowamagy zerarly ösümlikler kökleri arkaly ýerden suw bilen birlikde iýmitleri alyp bilmän galýar. Netijede ýapraklary saralyp dökülýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



21-nji surat. *Otlar, gyrymsylar, daragtlar*

Bu — agaçlaryň gyşa taýýarlanýandygyny görkezýär. Daragt we gyrymsy agaçlaryň ýapragynyň saralyp dökülmegine hazanrezgilik diýilýär (22-nji surat).

Agaçlaryň sowuga çydamlylygy dürlüçe bolandygy üçin olaryň ýapragy hiç haçan bir wagtda dökülmeýär.

Ilki bilen hoz, soňra erik, alça we behi ýapraklaryny dökýär.

Güýzde çynaryň we behiniň ýapraklary gyrmyzy reňke girip dökülýärler. Klýonyň we erigiň ýapraklary gyzaryp, soňra dökülýär.

Güýzde daragtlar ýapragyny dökende kä ýerlerde ýapraklary ýakyp goýberýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



22-nji surat. *Agaçlaryň güýzki görnüşi*

Beýle etmek umuman mümkin däl. Çünki ýapraklar ýakylanda tüsse howany hapalaýar, adamyň saglygyna erbet täsir edýär.

Agaçlar ýapraklaryny döküp bolandan soň olaryň şahalaryna şekil berilýär, aşagy ýumşadylyp, ýerli dökünler dökülýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Daýanç sözler:** ösümlik, ot, gyrymsy, daragt.

## Soraglar

1. Otlar, gyrymsylar we daragtlar bir-birinden nämesi bilen tapawutlanýar? Surata seredip aýdyp beriň.
2. Agaçlaryň ýapragy näme üçin saralýar we dökülýär?
3. Näme üçin dürli agaçlaryň ýapraklary bir wagtda dökülmeýär?
4. Näme üçin ýapraklary ýakmaly däl?

## Ýumuşlar

1. Her gün mekdepden gaýdanyňyzda agaçlara syn ediň. Haýsy agajyň ýapragynyň nähili reňkdedigini anyklaň.
2. Dürli reňkdäki ýapraklaryň hersinden birini alyp «Iş depderiňiziň» içine salyň we haýsy agajyň ýapragydygyny ýazyp goýuň.

# 10-§. GERBARIÝ TAÝÝARLAMAK

*(Mekdep howlusynda amaly iş)*

Gerbariý — ösümligiň aýry-aýry guradylyp taýýarlanan nusgasydyr. Ot, onuň köki, bedeni, ýapraklary doly alnyp, gerbariý taýýarlanýar. Munuň üçin boýy 40 sm, ini 30 sm bolan kagyz ikä



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



23-nji surat. *Gerbariý şeýle taýýarlanýar*

eplenýär. Eplenen kagyzyň içine otuň köki, bedeni, ýapragy bilen bilelikde goýlup, ýelimlenýär (23-nji surat). Otuň ady, näme üçin gerekdigi, nirede ösýändigi we miwesi hakynda ýazylyp goýulýar.

Gerbariýni kim, haçan, nirede taýýarlandygy hem ýazylyp goýulmalydyr.

Gerbariýden «Bizi gurşaýan älem» dersliginiň käbir temalary geçilende görkezme esbap hökmünde peýdalanmak bolar.

Gerbariý ösümlikler hakyndaky maglumatnama hasaplanýar. Ösümlikleri öwrenýänler



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

ösümligiň özi bolmasa ony gerbariýden öwrenýärler.

Özbegistanda «Ösümlik we haýwanat dünýäsi genofondy» institynda bir ýarym milliona golaý gerbariý saklanýar. Olardan örän köp ösümlikleri öwrenmek mümkin.

**Daýanç sözler:** gerbariý, ösümligiň bedeni, köki, miwesi.

**Soraglar**

1. Gerbariý nähili taýýarlanýar?
2. Gerbariý näme üçin gerek?
3. Gerbariýden nirede, kimler peýdalanýar?

**Ýumuşlar**

1. Öýe baransoň, howlyňyzda we onuň töweregindе ösýän ösümliklerden gerbariý taýýarlaň.
2. Ýere gaçan ýapraklardan kebelegiň we teneçiriň şekillerini applikasiýa ýoly bilen ýasaň.

## 11-§. KÄRLER BARADA

Çagalar, adamlar özüne gerekli bolan zatlary nireden alýarlar, diýen soraga siz elberde tebigatdan diýip jogap berersiňiz.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Hawa, tebigatdan alýar. Ýöne tebigatda nähili bolsa şeýleligine alyp ulanybermeýär. Ony gaýtadan işleýär, özüne gerek ýagdaýyna getirýär. Muňa, meselem, biz iýýän çöregi alalyň.

Çörek tebigatda çörek halynda bolmaýar. Munuň üçin daýhanlar ýere bugdaý ekýärler. Bugdaý bişende ony oup alyp, döwüp, un edilýär. Ondan çörek ýapýanlar hamyr edip, çörek ýapýarlar.

Köçelerde wazlap ýören maşynlary, asmanda duşýan samolýotlary, deňizde we okeanlarda ýüzýän gämileri işçi-hünärmentler tebigatdan alan maddalardan ýasapdyrlar.

Çagalar, siz okaýan kitaplary hem adamlar ýazyp, soň kitap çykarýanlar stanoklarda çap edýärler. Siz okaýan mekdep binasyny hem adamlar tarapyndan gurlan.

Biz her gün iýýän dürli miweleri hem adamlar — bagbanlar ýetişdirýär.

Ynha şeýle haýsy-da bolsa bir zady ýetişdirmäge we käbir zady öndürmäge



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

kär diýilýär. Mugallymçylyk, terbiýeçilik hem örän gerekli kärlerdir.

Adamlar dürli-dürli kärleri eýeleýärler. Şeýdip hemme adamlar bir-biri bilen baglanyşýar, birek-birege kömek berýär. Häzirki wagtda şonsuz ýaşap bolmaýar. Siz hem gowy okap geljekde adamlara peýdaly käri eýeläň.

**Daýanç sözler:** kär, daýhan, bagban, çörek ýapýan, işçi, mugallym, ýazyjy.

## Soraglar

1. Adamlar özüne gerekli zatlary nireden alýar?
2. Bugdaýdan çörek taýýarlamak üçin nämeler edilýär?
3. Dürli miweleri haýsy kärdäki adamlar ýetişdirýär?
4. Mugallym adamlara haýsy işi bilen peýda getirýär?

## Ýumuş

Kakaňyz, ejeňiz nähili käri eýeländikleri we näme üçin şu käri eýeländiklerini biliň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ENE TOPRAGYMYZ — ÝER



## 12-§. ÝER — PLANETA

Biz ýaşaýan Ýer — planetadyr. Ol Günüň daşynda aýlanýan sekiz planetadan biridir. Ýer örän uly şar şeklindedir.

Ýer şarynyň töweregi 40 müň kilometr. Ýeriň içki gurluşy ýumurtganyň gurluşyna meňzeýär. Ýeriň üstki bölegini gaty Ýer gabygy örtýär. Ondan aşakda galyň, yssy gatlak — mantiýa ýerleşýär. Ondan-da çuňlukda dykyz, agyr, gyzyp ýatan ýadro (Ýeriň maňzy) ýerleşýär (24-nji surat). Ýeriň üstünden Ýeriň merkezine çenli bolan



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

aralyk orta hasapda alty müň üç ýüz altmyş kilometre deň.




24-nji surat. *Ýeriň içki gurluşy*

Ýeri gowy öwrenmek üçin onuň örän kiçeldilen şekli — globus ýasalýar. Globusda Ýeriň üstündäki gury ýerler, deňizler we okeanlar, iri düzlük we daglar dürli reňkler bilen görkezilýär (25-nji surat).

Dünýädäki birinji globusy biziň babamyz beýik alym Abu Reýhan Biruny mundan müň ýyl öň ýasapdyr.

**Daýanç sözler:** planeta, Ýeriň gabygy, mantiýa, ýadro, globus.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




25-nji surat. *1 – Ýeriň kosmosdan görnüşi; 2 – globus.*

## Soraglar

1. Ýer nähili şekilde?
2. Ýeriň içki bölegi nähili gurlan?
3. Globus näme? Onda nämeler şekillendirilýär?
4. Birinji globusy kim ýasapdyr?

## Ýumuş

Ýeriň kosmosdan görnüşi bilen globusdaky şekilleri deňeşdiriň. Meňzeş taraplary we tapawutlaryny anyklaň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 13-§. ÝERIŇ HEREKETLERI

Ýer başga planetalar ýaly Günüň daşynda aýlanýar. Ýer Günüň daşynda üç ýüz altmyş bäş günde bir gezek doly aýlaw edýär (26-njy surat).



26-njy surat. *Ýeriň Günüň, Aýyň Ýeriň daşynda aýlanyşy*

Bu wagta biz 1 ýyl diýýäris.

Mundan başga-da ol öz okunyň daşynda hem aýlanýar. Ýer öz okunyň daşynda bir gije-gündizde, ýagny 24 sagatda bir gezek doly aýlaw edýär.

Şonda gije bilen gündiz çalyşýar. Bir gije-gündize sutka diýilýär.

Aýy hemmäňiz görensiňiz. Aý — Ýeriň tebigy hemrasydyr. Ol Ýeriň daşynda aýlanýar (26-njy surat). Ýer Günüň daşyny bir aýlaw edýänçä Aý — Ýeriň daşynda 12 gezek



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



27-nji surat. *Gün*



28-nji surat. *Aý*

aýlanýar. Şonuň üçin ýyl 12 aýa bölünýär. Aýyň Günden tapawudy, onuň şöhle saçmaýanlygydyr. Günden gelen şöhläni serpikdirýär (27-nji we (28-nji suratar).

Onuň bir tarapyny Günüň şöhleleri ýagtylandyrýar. Ikinji tarapy garaňky bolup, bize görünmeýär. Şonuň üçin Aý her hili görünýär.

**Daýanç sözler:** planeta, Ýer, Aý, Gün, ýyl.

## Soraglar

1. Ýer Günüň daşynda näçe günde 1 gezek aýlaw edýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Ýer öz okunyň daşynda aýlananda nähili hadysa ýüze çykýar?
3. Aý näme üçin bize dürlüçe görünýär?

**Ýumuş**

Aýyň dürlüçe görünýändigine gözegçilik ediň we haýsy gün nähili görnendigini «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 14-§. WAGT ÖLÇEG BIRLIKLERI

Wagty hasaplamak üçin Ýeriň öz okunyň we Günüň daşynda aýlanmagyna esaslanylýar.

Ýeriň öz okunyň daşynda bir gezek aýlaw etmegine gidýän wagt sutka diýlip atlandyrylýar.

Ýeriň Günüň daşynda bir gezek aýlaw etmegi üçin giden wagt 1 ýyl diýlip atlandyrylýar. 1 ýyl 12 aýa, her bir aý hepdelere bölünýär. Her bir hepdede 7 gün bar (29-njy surat). Her bir aýyň öz ady bar.

Bir gije-gündiz, ýagny bir sutka 24 sagada bölünýär. Her bir sutka ýarym gijeden, ýagny sagat 24-den soň başlanýar. Wagty anyk belgilemek üçin her bir sagat 60 minuda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




29-njy surat. *Ýyl we aýlar, hepdäniň günleri*

bölünýär. Her bir minut, öz gezeginde, 60 sekunda bölünýär.

Wagty anyklamagyň, bellemegiň tertibine sene diýilýär.

**Daýanç sözler:** ýyl, aý, hepde, gün, sutka, sagat, minut, sekunt, sene.

### Soraglar

1. Wagty hasaby üçin näme esas edip alnan?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Bir hepdede näçe gün bar? Hepdäniň günleri nähili atlandyrylýar?
3. Bir ýyl näçe aýdan ybarat? Olar nähili atlandyrylýar?
4. Sutka diýip näçe wagta aýdýarys?

### Ýumuşlar

1. Her biriňiz haýsy ýylda, haýsy aýda, haýsy gün we nähili wagtda doglandygyňyzy ata-eneňizden sorap biliň.
2. Ýurdumyzda nähili baýramlar haýsy aýda, haýsy günde bolýandygyny anyklap, «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 15-§. ÝER ÜSTÜNIŇ GURLUŞY

Ýeriň örän uly şar şeklindedigini bilýärsiňiz. Gaty uly bolandygy üçin hem onuň üsti bize tekiz ýaly bolup görünýär. Ýöne Ýeriň üsti hemme ýerde her hilidir. Ýeriň üstünde müňlerçe kilometre uzap gidýän daglar, düzlükler, suwly, suwsuz ýerler bar (30-njy surat).

Biziň Watanymyz — Özbegistanyň ýer üsti-de bir hili däldir. Onuň gündogar — gün çykýan tarapyny belent, garly daglar, uly, giň jülgeler tutýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




30-njy surat. *Ýer üstüniň gurluşy: 1 — dag; 2 — düzlük; 3 — suw; 4 — çöl.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýurdumyzyň günbatar tarapynda çölden ybarat düzlükler, üsti ýasy düzlükler, pes daglar ýerleşýär.

Daglarda we jülgelerde tomus ep-esli salkyn bolýar, gar we ýagyn hem köp-räk ýagýar. Daragtlar, gyrymsylar we otlar gür ösýär. Çöllerde ýagyş, gar kem ýagýar, tomus yssy bolýar. Seýrek otlar we gyrymsylar ösýär. Köp ýerleri gum örtýär.

Her bir dag, düzlük we gyryň öz ady bar. Gündogardaky daglar Týanşan, Türküstan we Gissar daglary diýlip atlandyrylýar. Olaryň depeleri tomsuna-da gar we buzluklar bilen örtülendir.

Ýurdumyzdaky iň uly düzlük Turan pes-ligidir. Onuň uly bölegini Gyzylgum çöli eýeleýär. Çölden ybarat düzlükler we giň jülgelere halkymyz suw çykaryp ekinzarlary we baglary döretdiler.

**Daýanç sözler:** dag, düzlük, gyr, çöketlik, gün-dogar, günbatar, çöl.

## Soraglar

1. Daglarda ýeriň üsti nähili görnüşde bolýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

2. Düzlükde adamlar köpräk nähili işler bilen meşgullanýarlar?
3. Özbegistanda ýerleşýän haýsy dag we düzlükleri bilýärsiňiz?

**Ýumuşlar**

1. Siziň ýaşaýan ýeriňizde ýeriň üsti nähili: daglykmy, düzlükmi? Öwrenip geliň.
2. Özüňiz ýaşaýan ýerdäki haýwanlaryň, ekinleriň we miweli agaçlaryň adyny «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 16-§. SUW — ÝAŞAÝŞYŇ ÇEŞMESIDIR

Suwy tebigatyň täsinligi diýmek bolar. «Suw bar ýerde ýaşaýyş bar», diýýärler. Hakykatdan-da şeýle (31-nji surat).

Ýer ýüzünde suw gaty kän. Gury ýere garanda suw bilen örtülen ýerler köpräk.Ýer ýüzüniň üçden iki böleginden köprägini suw örtýär. Ýöne suw şor içip bolmaýar.

Emma Ýer ýüzünde suw gyt bolan çöller hem bar.

Watanymyz — Özbegistanyň hem ýarysyndan köpräk çägi çöllerden ybaratdyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Suw ýap we derýalarda akýar, köl, deňiz hem-de okeanlarda bolýar.

Buz halyndaky suw sowuk ülkelerde Ýer ýüzüni örtýär.

Belent daglardaky garlar baharda we ýazda eräp, goşant bolup derýalara guýulýar. Deňiz we okean suwlarynyň üstleri Gün şöhlesiniň



30-njy surat. *Suw bar ýerde ýaşaýyş bar*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

täsirinde gyzyp, buga öwrülip howa göterilýär.

Soňra buluda öwrülýär, bulutdan ýagyş ýa-da gar bolup ýene ýere ýagýar.

Gyş paslynda daglara ýagan gar baharyň gelmegi bilen eräp, derýalara, saýlara we ýaplara akyp düşýär. Biz şu suwy içýäris, ekinleri suwarýarys.

Ata-babalarymyz suwdan tygşytly peýdalanypdyrlar. Suwdan önümli peýdalanyp, baglar, ekinzarlar döredipdirler.

Biz hem suwy hapalaman, tygşytlap, önümli peýdalanmalydyrys.

**Daýanç sözler:** deňiz, derýa, saý, köl, ýap, suw, gar, buz, bug.

## Soraglar

1. Siz ýaşaýan ýerde nähili derýa, köl, saý we ýaplar bar?
2. Siz suwdan nähili peýdalanýarsyňyz?
3. Derýalara suw nirelerden akyp gelýär?

## Ýumuş

Siz ýaşaýan ýerde suw nämelere sarplanýandygyny «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## 17-§. 1-nji ýarym ýylda alan biliminiňizi barlap görmek üçin testler

**1. Bizi gurşaýan älem näme?**
A) Asman.
B) Ýer.
Ç) Gün we Aý.
D) Daş-töweregimizde bize görünýän ähli zat.

**2. Adamyň näçe duýgy organy bar?**
A) Iki.
B) Üç.
Ç) Dört.
D) Bäş.

**3. Suw tebigatda näçe halatda duşýar?**
A) Üç halatda.
B) Dört halatda.
Ç) Bir halatda.
D) Bäş halatda.

**4. Howa ýagdaýy diýip nämä aýdylýar?**
A) Ýagşyň ýagmagyna.
B) Garyň ýagmagyna.
Ç) Sowuk howa.
D) Howanyň gysga wagtdaky halatyna.

**5. Termometr näme?**
A) Howanyň, suwuň, bedeniň temperaturasyny ölçeýän gural.
B) Ýerde uzynlygy ölçeýän gural.
Ç) Agyrlygy ölçeýän gural.
D) Metrlere bölünen gural.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**6. Ýylyň pasyllarynyň çalyşmagy nämä bagly?**
A) Günüň yssy ýa-da sowuk bolmagyna.
B) Şemallara.
Ç) Güne bagly.
D) Ygalyň köp ýa-da az ýagmagyna.

**7. Güýz nähili pasyl?**
A) Güýz hasyl ýygnalýan pasyl.
B) Şirin-şeker miweler bişýän pasyl.
Ç) Pagta açylýanan pasyl.
D) Hemme jogaplar dogry.

**8. Ýowar näme?**
A) Ilatyň köpçülik bolup işlemegi.
B) Hemme öz işini ýerine ýetirmegi.
Ç) Çagalaryň bir-birine kömek bermegi.
D) Çagalaryň bilelikde oýnamaklary.

**9. Aşakdakylardan peýdaly mör-möjekleri bellik ediň.**
A) Balary, kekene.
B) Çekirtge.
Ç) Kebelek.
D) Teneçir.

**10. Balarynyň nähili peýdasy bar?**
A) Baharda gülden güle uçup gezýär.
B) Güllän miweleri rozanlandyrýar.
Ç) Hiç hili peýdasy ýok.
D) Adamlary çokýar.

**11. Guşlar näçe topara bölünýär?**
A) 2 topara.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

B) 3 topara.
C) 4 topara.
D) Toparlara bölünmeýär.

**12. Näme üçin bir ýyl üç ýüz altmyş bäş gün diýlip alnan?**

A) Bir ýyl dört pasyl bolany üçin.
B) Aý Ýeriň daşynda aýlanýandygy üçin.
Ç) Bir ýyl 12 aý bolany üçin.
D) Ýer Günüň daşynda üç ýüz altmyş bäş günde bir aýlaw edendigi üçin.

**13. Aý bize näme üçin her hili bolup görünýär?**

A) Aý özi şöhle saçmaýandygy üçin.
B) Biz Aýyň Gün ýagtylandyrýan bölegini görýändigimiz üçin.
Ç) Aýyň özi şeýle her hili bolany üçin.
D) Aýyň garaňkyda görnendigi üçin.

**14. Bir hepde näçe gün?**

A) 5 gün.
B) 6 gün.
Ç) 7 gün.
D) 8 gün.

**15. Ýurdumyzyň haýsy tarapynda daglar bar?**

A) Günbatar tarapynda.
B) Gündogar tarapynda.
Ç) Günortasynda.
D) Demirgazygynda.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÜLKÄMIZDE GYŞ



## 18-§. GYŞ

Dekabr, ýanwar we fewral gyş aýlarydyr. 22-nji dekabrda Gün asmanda gorizonta has ýakyn bolýar. Bu güne Günüň gyşky durýan güni diýilýär.

Gyşda howa köplenç bulut bolýar. Günüň şöhleleri ýapgyt düşüp ýeri onçakly gyzdyrmaýar. Ýygy-ýygydan gar ýagýar.

Daglar belent we sowugrak bolany üçin gar köp ýagýar, bahara we tomsa çenli eremän toplanýar. Şu sebäpli baharda we tomusda derýa we derelerde suw köp bolýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



32-nji surat. *Gyşyň lezzeti*

Düzlükde-de käte günler sowap, howanyň temperaturasy 0°C-dan hem peselýär, aýazly ýeller öwüsýär, ýeriň üstüni gar örtýär, derýa, köl we ýabyň suwlary doňýar (32-nji surat).

Gyşda gar köp ýagsa, tomusda suw bol bolýar. Gyş paslynda hemişe-de gaty sowuk bolubermeýär. Güneşli maýyl günler hem bolýar.

**Daýanç sözler:** gyş, dekabr, ýanwar, fewral, gözýetim, derýa, dere.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

### Soraglar

1. Haýsy aýlara gyş aýlary diýýäris?
2. Gyşda howa ýagdaýy nähili bolýar?
3. Näme üçin daglarda gyşda gar toplanýar?

### Ýumuş

Gyşky dynç alyş günleri Siz ýaşaýan ýerde howa ýagdaýynyň nähili bolýandygyny «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 19-§. GYŞKY ZÄHMET

Şäherlerde ýaşaýan ilat bilen obalarda ýaşaýan ilatyň gyşdaky zähmetleri bir-birinden tapawutlanýar.

Şäherlerde adamlar dürli kärhanalarda, usstahanalarda, gurluşyklarlarda işleýärler.

Gyşda galyň gar ýagan günleri köçe, howly, meýdanlary gardan we buzdan arassalaýarlar.

Oba ýerlerinde bolsa meýdan işleri birneme kemelýär, ýöne teplisalarda dürli miwe we gök önümler, her hil otlar ýetişdirilýär. Baharda ir ekmek üçin teplisalarda ýene hyýar, pomidor, kelem we her



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hili gülleriň nahallary ideg edilýär (33-nji surat).



33-nji surat. *Teplisada nahal idegi*

Adamlar öý haýwanlaryny öýlerinde we fermalarda bakýarlar (34-nji surat).



34-nji surat. *Öý haýwanlary gyşda otaglarda bakylýar*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Daýhanlar ekin meýdanlaryna ýerli dökün döküýärler. Topragy şor ýerleriň şory ýuwulýar.

Kanallar, ýaplar arassalanýar.

Oba zähmetkeşleri gyşda çigit ekýän traktorlary we başga maşynlary baharky ekiş işlerine taýýarlaýarlar.

**Daýanç sözler:** kärhana, ussahana, teplisa, ferma, daýhan.

## Soraglar

1. Şäherlerde ýaşaýan ilat gyşda nirelerde işleýär?
2. Daýhanlar gyşda nähili işleri ýerine ýetirýärler?
3. Teplisalarda nämeler ýetişdirilýär?

## Ýumuş

1. Siz ýaşaýan ýerde teplisa bolsa, onda nähili ösümlikler ýetişdirilişine syn ediň. Olaryň adyny «Ish depderine» bellik ediň.
2. Siz ýaşaýan ýerdäki kärhanada nämeler öndürilýändigini «Iş depderiňize» bellik ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 20-§. ÖÝ HAÝWANLARYNYŇ GYŞDAKY ÝAŞAÝŞY

Gadym döwürlerde hemme haýwanlar ýabany ýagdaýda ýaşapdyrlar.

Adamlar käbir haýwanlary ýuwaş-ýuwaşdan eldekileşdiripdirler. Ýabany haýwanlaryň gunduz, sugun ýaly käbir görnüşleri häzir eldekileşdirilip, malhanalarda bakylýar.

At, sygyr, düýe, goýun, geçi (35-nji surat); öý guşlaryndan — towuk, ördek, gaz, hind towugy we saýraýan guşlar gyşda adamlaryň




35-nji surat. *Öý haýwanlary:*
*1 – sygyr; 2 – at; 3 – geçi.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

öýlerinde ýörite otaglarda hem-de fermalarda bakylýar.

Olar üçin tomusda we güýzde iýmit — bede, däne, iým taýýarlanyp goýulýar.

Öý haýwanlary we öý guşlary bakylýan fermalar we ýörite otaglar gyşda ýyladylýar, wagtynda arassalanyp, ýelejiredilip durulýar.

Uly fermalarda köp işler awtomatlaşdyrylan. Öý guşlary we çarwa mallarynyň saglygyna mal lukmanlary — weterinarlar seredip durýarlar. Çarwa mallaryna we guşlara wagtal-wagtal derman berlip durulýar.

**Daýanç sözler:** öý haýwanlary, fermalar, weterinar, däri-derman.



**Soraglar**

1. Siz özüňiz öýde nähili haýwanlary bakýarsyňyz? Olary öýde bakmagyňyzdan maksad näme?
2. Siz ýaşaýan ýerde nähili öý haýwanlary bakylýar?
3. Siz ýaşaýan ýerde nähili haýwanlar bakylýan fermalar bar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş**

Siz ýaşaýan ýerde nähili öý haýwanlary we guşlarynyň bardygyny anyklaň we olaryň atlaryny «Iş depderiňize» bellik ediň.

## 21-§. ÝABANY HAÝWANLARYŇ GYŞDAKY ÝAŞAÝŞY

Ýabany haýwanlara gyşda ep-esli kyn bolýar. Sowuk günlerde olar iýmit gözlemäge mejbur bolýarlar.

Şonuň üçin olar ýaz we güýz aýlarynda semrip, köprä ýag toplaýarlar. Ýeri galyň gar örten wagtynda aýy ýaly käbir haýwanlar ýerasty hinlerinde uka gidýärler (36-njy surat).

Ýylanlar, gurbagalar, kirpiler, pyşbagalar, garynjalar, käbir mör-möjekler hem gyşda uklaýar. Baharda günler maýlamagy bilen olar oýanýarlar we iýmit gözläp, ýaşamagy dowam etdirýärler.

Durna, leglek, bilbil, garlawaç, ýabany ördek ýaly käbir guşlar güýzde yssy ýurtlara uçup gidýärler.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



1



2



3

36-njy surat. *Ýabany haýwanlar:*
*1 – aýy we aýyjyklar; 2 – tulki; 3 – sugun.*

Serçe, gumry, kepderi, owgan maýnasy ýaly guşlar gyşda hem uçup gitmeýärler,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

olar biziň gyşymyza öwrenişipdirler (37-nji surat).

Şeýle guşlar adamlaryň öýlerine golaý ýerlerde ýaşaýarlar. Olar çykyndy iýmitleri ýygyp, gün geçirýärlergan.

**Daýanç sözler:** ýabany haýwanlar, yssy ülkeler, çykyndy iýmit.

## Soraglar

1. Siz ýaşaýan ýerde haýsy guşlar güýzde uçup gidip, baharda gaýdyp gelýärler?
2. Siz özüňiz öýde nähili haýwanlary bakýarsyňyz? Olary näme maksatda öýde bakýarsyňyz?
3. Siz ýaşaýan ýerde nähili ýabany haýwanlar bar? Olar gyşda näme bilen iýmitlenýärler?

## Ýumuş

Ýaşaýan ýeriňizde nähili ýabany haýwanlaryň bardygyny ulularдан sorap biliň we «Iş depderiňize» atlaryny ýazyp goýuň.

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# ÜLKÄMIZDE BAHAR



## 22-§. BAHARDA ÖSÜMLIKLERIŇ ÝAŞAÝŞY

Biziň ýurdumyz — Özbegistanda bahar irräk — fewral aýynyň ortalaryndan başlanýar.

Baharda Gün barha belende göterlip, howa, ýer maýlap başlaýar. Ýygy-ýygydan ýagyş ýagýar, ýer çyg bolýar. Bu çyg howa ýagdaýy ir gögerip, gülleýän ösümlikler üçin gaty amatlydyr.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Iň öň baýçeçek, gülälek, soňra çigildem açylýar (37-nji surat).



37-njy surat. *Bahar gülleri:*
*1 – baýçeçek; 2 – gülälek.*

Günleriň maýladygy saýyn agaçlaryň bedenine ýerden suw bilen birlikde iýmitler göterilýär.

Pyntyklar barha ulalýarlar, soňra gülleýär. Iň öň badam gülleýär we ýaprak çykarýar. Soňra şetdaly, erik, armyt, çereşnýa, alça, alma gülläp başlaýar (38-nji surat).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Iň soňunda behi gülleýär. Köp agaçlar öň gülläp, soň ýaprak çykarýar. Behi bolsa öň ýaprak çykaryp, soňra gülleýär.

Bu pasylda tebigat täzelenýär. Güýzde uçup giden guşlar ýene Watanymyza gaýdyp gelýärler.

Baharda käte howa birden sowap gidýän günler hem bolýar. Birden düşýän gaty sowuga «Gara sowuk» diýýärler.



38-nji surat. *Gülleýän erik agaçlary*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

«Gara sowuk» juda howply ol miweli agaçlaryň gülüni, ekin meýdanlaryna ekilen ekinleri zaýalaýar.

Bagbanlar «Gara sowuk»da miweli agaçlaryň gülleri we indi düwen miweleri sowukdan saklamak üçin miweli baglaryň şemal gelýän tarapyna ot ýakýarlar.

Şu ýol bilen olar agaçlary sowuk urmakdan saklaýarlar.

**Daýanç sözler:** baýçeçek, benewşe, gülälek, çigildem, miweli agaçlar, «Gara sowuk».

## Soraglar

1. Iň öň haýsy güller açylýar?
2. Haýsy agaçlar öň gülläp, soňra ýaprak çykarýar?
3. Haýsy agaç öň ýaprak çykaryp, soň gülleýär?
4. «Gara sowuk» nähili sowuk?

## Ýumuş

Mekdebe barýan ýoluňyzda duşýan agaçlary synlaň. Haýsy agaçlaryň ilki gülländigini, haýsylarynyň birinji bolup ýaprak çykarandygyny anyklap, «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 23-§. ÖSÜMLIKLER NÄHILI KÖPELDILÝÄR?

Howly, ekin meýdany, gülzar we baglarda ösýän otlar, daragtlar, gyrymsy agaçlara we güllere ösümlik diýilýär. Olaryň iň möhüm aýratynlyklaryndan biri howany arassalaýanlygydyr (39-nji surat).

Biz şirin-şeker miweleri hezil edip iýýäris. Olar witaminlere juda baý.



39-nji surat. *Ösümlikler kömürturşy gazyny ýuwdup, adam üçin zerur bolan kislorody çykarýar*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Owadan güller bolsa adamy özüne çekýär. Göwnüňi göterýär.

Köp ekinler tohumyndan köpeldilýär. Pagtanyň çigidi, gawun, garpyz, zamça, kädi, käşir, soganyň tohumy ekilýär (40-njy surat).

Pomidor, burç we kelem hem tohumyndan köpeldilip, soňra nahal edilýär. Kartoşka bolsa düwüçeginden köpeldilýär.

Erik, hoz, şetdalynyň şänigi ekilýär. Nar, injir, üzümiň çybygy ekilip goýulsa, gögerýär. Tal, derek hem çybygyndan gögerýär.




40-njy surat. *Tohumyndan köpeldilýän ekinler:*
*1 – pagta; 2 – garpyz; 3 – käşir.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Käbir miweli agaçlar gowy hasyl berýän sortlara sapylýar. Köplenç alma, armyt, çereşnýa, erik, şetdaly sapylyp köpeldilýär. Sapmak iki hili bolýar – pyntyk sapma we isgene sapmak (41-nji surat).







41-nji surat. *Ösümlikleri sapmak*

**Daýanç sözler:** ösümlik, tohum, şänik, çigit, çybyk, sapmak, nahal.

## Soraglar

1. Ösümlikleriň nähili peýdasy bar?
2. Haýsy ekinler tohumyndan ekilip köpeldilýär?
3. Haýsy miweleriň şänigi ekilýär?
4. Miweli agaçlar näme üçin sapylýar?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş**

Iki sany gap alyň. Olara suw salyň. Birine otag gülleriniň şahalaryndan ululary kömeginde gyrkyp alyp, salyp goýuň. Ikinjisine erigiň we talyň şahalaryndan salyň. Olary 2 hepde synlaň. Şahalardan kök çyksa, olar çybygyndan kök çykmasa, şäniginden ýa-da tohumyndan köpeldilýändigini bilersiňiz.

## 24-§. BAHARKY ZÄHMET

Baharda daýhanlaryň ýumuşlary köpelýär. Daýhanlar ýeri sürüp, ekin ekmäge taýýarlaýarlar. Ilki çigit, soňra mekgejöwen, kartoşka, sogan, gawun, garpyz ekilýär.

Häzirki wagtda gawun, garpyz we hyýar plýonkanyň aşagyna hem ekilýär. Munda ekin çalt bişip ýetişýär.

Pomidor, kelem, burç nahallary hem teplisalarda ösdürilip, soň ekin meýdanlaryna oturdylýar.

Baharyň gelmegi bilen bagbanlaryň işi köp bolýar.

Agaçlar budalýar, aşagy arassalanýar we ýumşadylýar (42-nji surat).



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Soň zyýanly mör-möjeklere garşy derman sepilýär.

Şäherler we obalarda saýaly we miweli agaçlaryň nahallary oturdylýar. Ýap we gülzarlar arassalanýar. Güller ekilýär.

Agaçlar, gül nahallarynyň düýbi ýumşadylýar.

Agaçlaryň bedenleri hek bilen aklanýar.

Bu işde okuwçylar hem işeňňir gatnaşýarlar.



42-nji surat. *Agaçlaryň aşagyny ýumşatmak*

**Daýanç sözler:** bagban, saýaly we miweli agaçlar, hek.

## Soraglar

1. Daýhanlar baharda nähili işleri ýerine ýetirýärler?
2. Bagbanlar agaçlara nähili ideg edýärler?
3. Şäher we obalarda baharda nähili işler edilýär?

## Ýumuş

Mekdep howlusynda we howlyňyzda ekilen güller hem-de nahallary synlaň, ideg ediň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 25-§. BAHARDA MÖR-MÖJEKLERIŇ ÝAŞAÝŞY

Agaçlaryň gabygynyň aşagynda, bedenindäki gowaklarda, topragyň arasynda gyşda uklan mör-möjekler baharda oýanýarlar (43-nji surat).

Aýratynam, bal arysy, sary ary, dürli kebelekler, hangyzy, teneçir, peşeler, çybynlar herekete gelýärler. Uly-kiçi garynjalar peýda bolýar. Olar ýeri gazyp hin guryarlar.




43-nji surat. *Baharda peýda bolýan mör-möjekler:*
*1 – teneçir; 2 – şire; 3 – sary ary; 4 – kekene; 5 – bal arysy.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Mör-möjekler iki topara — peýdaly mör-möjek we zyýanly mör-möjeklere bölünýärler. Bal arylar, sary arylar gülleri tozanlandyrýarlar. Bol hasyl almaga kömek edýärler.

Garynjalar topragy ýumşadyp, onuň hasyllylygyny artdyrýar (44-nji surat).



44-nji surat. *Garynjalar*

Maý tomzagy, peşe, körek gurçugy we çybynlar zyýanlydyr.

Tomzaklaryň maý aýynda uçup çykýan bir görnüşi maý tomzagy diýlip atlandyrylýar (45-nji surat).

Bu tomzak ýumurtgasyny topraga gömüp goýýar. Baharda ýumurtgasyndan gurçuk (liçinka) peýda bolýar. Ol ösüp tomzaga öwrülýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




45-nji surat. *Zyýanly mör-möjekler:*
*1 – körek gurçugy; 2 – haçly möý;*
*3 – maý tomzagy:*
*a – ýumurtgasy, b – gurçugy, ç – bäbegi.*

Tomzak agajyň ýapragy we miwesi bilen iýmitlenýär.

Ýumurtgadan peýda bolan liçinka ösümligiň köküni iýip, ony guradýar (45-nji surat).

Zyýanly mör-möjekleri ýok etmekde mör-möjek iýýän guşlaryň peýdasy uly.

Şonuň üçin biz peýdaly mör-möjekleriň, guşlaryň köpelmegine kömek etmelidiris, olary goramalydyrys.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Daýanç sözler:** bal arysy, sary ary, ýagyş gurçugy, maý tomzagy, liçinka, buzawaç.

## Soraglar

1. Gyş ukusyna giden mör-möjekler haçan oýanýar?
2. Özüňiz ýaşaýan ýerde duşýan nähili mör-möjekleri bilýärsiňiz?
3. Haýsy mör-möjekler peýdaly, olaryň nähili peýdasy bar?
4. Haýsy mör-möjekler zyýanly, olaryň nähili zyýany bar?

## Ýumuş

Özüňiz ýaşaýan ýerde duşýan mör-möjekleri nomini «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

# 26-§. NOWRUZ — TÄZE GÜN

21-nji mart güni gije bilen gündiz deň bolýar. Gün şu günden başlap belent galyp, gün gijeden uzalyp başlaýar.

Ýurdumyzda her ýylda 21-nji mart güni Nowruz baýramy nyşanlanýar. Bu täze ýyl, täze gün baýramydyr.

Halkymyz Nowruz baýramyny gadym döwürlerden bäri nyşanlap gelýär. Nowruzda



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

dürli witaminlere baý naharlar, halim we semeni bişirilýär (46-njy surat).

Nowruz baýramynyň öňýanynda umumhalk ýowary geçirilip, ýaplar, köçeler, meýdanlar, howlular arassalanýar. Meý-



46-njy surat. *Baharyň aňrybaş tagamy — semeni bişirmek*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

danlara, köçeleriň gyrasyna daragtlar, güller ekilýär.

Özbegistan garaşsyzlygyny gazanandan soň Nowruz baýramymyz gaýtadan dikeldildi. Bütin ýurdumyzda Nowruz baýramy diň baýram edilýän boldy.





47-nji surat. *Nowruz şadyýanlyklary*

**Daýanç sözler:** Nowruz baýramy, semeni, halim, gök somsa, ýowar.

## Soraglar

1. Baharda tebigatda nähili özgerişler bolup geçýär?
2. Nowruz haçan gelýär?
3. Nowruz nähili baýram?

## Ýumuş

Mähelläňizde Nowruz baýramy nähili nyşanlanandygyny «Iş depderiňize» ýazyp geliň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 27-§. BAHARDA ÜLKÄMIZE UÇUP GELÝÄN GUŞLAR

Baharda günler maýlap, mör-möjekleriň oýanmagy bilen güýzde uçup giden guşlar ülkämize ýene gaýdyp gelip başlaýarlar. Birinji bolup dag geçigusy bilen garlawaç uçup gelýär (48-nji surat).




48-nji surat. *Quşlar:*
*1 – garlawaç; 2 – bilbil.*

Bu iki guş kiçijik, owadan we hereketjeňdir. Olar diňe maýda mör-möjekler,



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

peşe we çybynlar bilen iýmitlenip, adamlara peýda getirýär.

Peýdaly we ýakymly saýraýan guşlardan ýene biri — bilbildir.

Bilbil ýurdumyza aprel aýynyň ahyry, maý aýynyň başlarynda uçup gelýär. Ol hem diňe mör-möjekler bilen iýmitlenýär.

Maý aýynyň ahyry we iýun aýynyň başlarynda 4 – 5 sanydan ýumurtga guzlaýar. Ýumurtgalaryndan 13 – 14 günde jüýje çykarýar. Jüýjesini 15 günden soň uçurýar.





49-njy surat. *Leglek we durna*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Baharda ülkämize uly guşlardan leglek we durnalar hem uçup gelýär. Olar uzyn aýakly we uzyn çüňkli guşlardyr (49-njy surat).

Bu guşlar köller, derýalar, batgalyklaryň golaýynda höwürtge gurýarlar. Olar gemriji haýwanlar, ýylan, balyklar bilen iýmitlenýär.

Guşlaryň hemmesi peýdaly. Şonuň üçin hem biz guşlary goramalydyrys, höwürtgelerini bozmaly däldiris, ýumurtgalaryna we çagajyklaryna degmeli däldiris.

**Daýanç sözler:** dag geçiguşy, garlawaç, bilbil, leglek, guşlary goramak.

## Soraglar

1. Baharda ülkämize birinji bolup haýsy guşlar uçup gelýärler?
2. Garlawaç nähili guş?
3. Bilbil ülkämize haçan uçup gelýär?
4. Leglek we durnalar nirelere höwürtge gurýar, nämeler bilen iýmitlenýär?

## Ýumuş

Siz ýaşaýan ýerde baharda haýsy guşlar haçan uçup gelýändigini «Iş depderiňize» ýazyp geliň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# 28-§. ÜLKÄMIZDÄKI ÖÝ WE ÝABANY HAÝWANLAR

Häzirki wagtda köp haýwanlar we guşlar adamlara öwrenişendir. Adamlar olary bakyp köpeldýärler. At, düýe, sygyr, goýun, geçi, tovuq, xo‘rozlar, towuklar, horazlar, towşan, it we pişikler öý haýwanlarydyr (50-nji surat).




50-nji surat. *Öý guşlary we öý haýwanlary: 1 – horaz we towuklar; 2 – geçi; 3 – it; 4 – düýe.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

At, düýelerden ýük daşamakda peýdalanylýar.

Sygyr, goýun, geçi eti, derisi, süýdi üçin, towşanlar bolsa derisi we eti üçin bakylýar.

Towuk, ördek, gaz, hind towugy eti, ýumurtgasy we peri üçin bakylýar.

Bedene, totuguş, kepderiler owadanlygy we ýakymly saýraýanlygy üçin bakylyp, köpeldilýär.

Ýabany haýwanlar öý haýwanlaryndan tapawutlylykda, iýmitini özleri tapyp iýýärler (51-nji surat).

Olar daglarda, derýalaryň boýlarynda, jarlarda, gamyşlykda, jeňňellerde, çöllerde ýaşap, gowaklara girip ýatýarlar.




51-nji surat. *Ýabany haýwanlar:*
*1 – keýik; 2 – zemzen.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ýabany haýwanlar hem adamlar üçin juda peýdaly. Ýylanlaryň zäherinden dürli däri-dermanlar taýýarlanylýar.

Şonuň üçin ýabany haýwanlary hem gyrlyp gitmeginden goramalydyrys.

**Daýanç sözler:** däri-derman, ýylanyň zäheri, haýwanlary goramak.

### Soraglar

1. Adamlar öý haýwanlaryny näme üçin bakýarlar?
2. Ýabany haýwanlar nähili ýaşaýarlar?
3. Ýabany haýwanlaryň nähili peýdasy bar?
4. Siz öýüňizde haýsy öý we ýabany haýwanlary bakýarsyňyz?

### Ýumuş

Ýaşaýan ýeriňizde duşýan öý haýwanlarynyň, guşlaryň, ýabany haýwanlaryň atlaryny anyklap, «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 29-§. ADAM WE TEBIGAT

Daş-töweregimizdäki ähli zat — Gün, Aý, ýyldyzlar, howa, bulutlar, suw, daglar, düzlükler, ösümlikler, haýwanlar — bularyň



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

hemmesi tebigatdyr (52-nji surat). Adam hem şu tebigatda ýaşaýar. Özüne gerek bolan ähli zady tebigatdan alýar.

Tebigat juda baý. Biz öz islegimiz üçin nebit, kömür, gaz, demir we başgalary ýerden gazyp alýarys. Giň ekin meýdanlaryna dürli ekinleri ekip, hasylyny ulanýarys. Miweli baglary döredýäris.

Meýdanlarda, gyrlarda, daglarda sygyr, goýun, geçileri bakýarys. Şeýle bolansoň, biz tebigaty aýawly saklap, oňa howandarlyk etmelidiris.

Biz her hili kärhanalary gurup, olarda özümize gerekli azyk önümlerini, geýim-



52-nji surat. *Gör, nähili gözel tebigat*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE




53-nji surat. *«Özbegistanyň Gyzyl kitabyna» girizilen haýwanlar:*
*1 – kepjebaş; 2 – gum pişigi; 3 – dag goçy.*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

gejimleri, dürli maşynlary öndürýäris. Bularyň hemmesi tebigata täsir edýär. Howanyň, suwuň hapalanmagy, ösümlik we haýwanlaryň kemelmegi mümkin.

Şonuň üçin hem biz tebigaty, onuň baýlyklaryny aýawly saklamalydyrys.

Tebigaty, ýabany haýwanlary we ösümlikleri goramak, öwrenmek we köpeltmek üçin milli baglar, goraghanalar döredildi.

Ýurdumyzda gorap, köpeldilýän seýrek ýabany haýwanlar we ösümlikler «Özbegistanyň Gyzyl kitabyna» girizilen.

**Daýanç sözler:** tebigat, adam, azyk önümleri, geýim-gejim, goraghana, «Özbegistanyň Gyzyl kitaby».



## Soraglar

1. Tebigat diýende nämeleri düşünýärsiňiz?
2. Adam tebigatdan nähili peýdalanýar?
3. Adamyň tebigata täsiri netijesinde nämeleriň bolmagy mümkin?
4. Ýurdumyzdaky seýrek haýwan we ösümlikler näme üçin «Özbegistanyň Gyzyl kitabyna» girizilýär?



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**Ýumuş**

«Özbegistanyň Gyzyl kitabyna» girizilen haýwanlaryň adyny ýatda saklaň (53-nji surat). Olary «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 30-§. ŞÄHERLER WE OBALAR

Şäher hem, oba-da ilat toplanyp ýaşaýan ýerdir. Ýöne şäherler obalara garanda juda uly, ilaty köp, dürli kärhanalar bolýar.



54-nji surat. *Daşkendiň bir görnüşi*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Şonuň üçin binalar, ýaşaýyş jaýlary köp etažly edilip gurulýar.

Şäherlerde ylym-bilim, medeniýet merkezleri, iri kärhanalar, teatrlar, stadionlar ýerleşýär. Adamlar medeni dynç alýan baglar, seýil baglary döredilendir.

Özbegistandaky iň uly we owadan şäher ýurdumyzyň paýtagty Daşkent şäheridir (54-nji surat).

Daşkentde taryhy, medeni ýadygärlikler, häzirki zaman belent we kaşaň binalar, salkyn baglar bar.

Kärhanalarda dürli-dürli önümler öndürilýär.

Respublikamyzyň dürli welaýatlaryndan gelen ýaşlar bu ýerdäki ýokary okuw jaýlarynda bilim alýarlar.

Ýurdumyzda gadymy gözel şäherler köp. Samarkant şeýle şäherlerden biridir. Şäherde taryhy ýadygärlikler — Registan, Şahi Zinda ansambllary, Emir Temur kümmeti bar (55-nji surat).

Buhara, Hywa, Kokant şäherleri hem taryhy ýadygärliklere juda baý. Andijan, Fer-



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



55-nji surat. *Samarkant şäherindäki Registan meýdany*

gana, Namangan, Termiz, Karşi, Ürgenç senagaty ösen, owadan, uly şäherler hasaplanýar.

Obalaryň ilatynyň esasy bölegi oba hojalyk işleri bilen meşgullanýar.

Olar baglarda miweler, ekin meýdanlarynda we bakjalarda pagta, bugdaý, mekgejöwen, gawun, garpyz, kartoşka, käşir, kelem ýetişdirýärler.

Ýaýlalarda, maşgalalarda sygyr, goýun, geçi, öý guşlary bakylyp, köpeldilýär.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



56-njy surat. *Obalarda gurulýan täze öýler*




57-nji surat. *Obadaky häzirki zaman mekdebi*



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Obalarda hem täze mekdepler, liseýler, kesp-hünär kolležleri, sport meýdanlary, dynç alyş mesgenleri, täze owadan jaýlar gurulýar (56-njy we 57-nji suratlar).

**Daýanç sözler:** şäher, oba, ylym-bilim, medeniýet, kärhana, taryhy ýadygärlikler.

**Soraglar**

1. Nähili ýerlere şäher diýýäris?
2. Şäherlerde adamlar näme bilen meşgullanýarlar?
3. Obalarda adamlar nähili işleri ýerine ýetirýärler?
4. Häzir obalarda nämeler gurulýar?

**Ýumuş**

Özüňiz ýaşaýan ýerde adamlar nähili işler bilen meşgullanýandygyny ululardan sorap biliň.

## 31-§. ÝAZ — GEÇÝÄR SAZ

Ýaz (tomus) pasly iýun aýyndan başlanýar. Ýöne biziň Watanymyzda maý aýynyň ortalaryndan howa tomusdaky ýaly yssy bolýar. Tomusda ýagyş kem ýagýar.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ir ekilen gök önüm ekinleri, zamça, hyýar, pomidor ýetişýär

Miwelerden klubnika, erik, çereşnýa, irki alma bişýär. Mekdeplerde okuwlar tamamlanyp, okuwçylar tomusky dynç alyşa çykýarlar.

Bu wagtda çagalar dynç alyş mesgenlerinde, sagaldyş edaralarynda dynç alýarlar.

Ýurdumyzda çagalar seýilgähleri juda köp. Olar tebigaty owadan, howasy arassa ýerlere gurlandyr (58-nji surat).

Tebigatyň gujagyna syýahata çykylanda ýöremegiň, geýinmegiň, suwa düşmegiň öz kadalary bar.

Güneşde kelle geýimsiz ýöremek, gülleri, otlary ýolmak, mör-möjeklere, haýwan we guşlara degmek, ulularyň gözegçiligisiz suwa düşmek mümkin däl.

Şu kadalar, hökman, berjaý edilmelidir. Şonda dürli betbagt hadysalar bolmaýar. Ýene başga kadalary syýahat ýolbaşçylary düşündirer.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE



58-nji surat. *Okuwçylar seýilgähde*

**Daýanç sözler:** tomusky dynç alyş, okuwçylar seýilgähi, syýahat.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Soraglar

1. Ýurdumyzda ýaz haçan başlanýar?
2. Tomusda howa nähili bolýar?
3. Baharyň ahyry we ýazyň başynda nähili miweler bişýär?
4. Okuwçylar ýazda nirelerde dynç alýarlar?

## Ýumuş

Siz ýaşaýan ýerde maý aýynda nähili miweleriň bişýändigini anyklaň we olaryň adyny «Iş depderiňize» ýazyp goýuň.

## 32-§. 2-nji ýarym ýylda alan bilimiňizi barlap görmek üçin testler

**1. Haýsy aýlar gyş aýlary hasaplanýar?**

A) Ýanwar, fewral, mart.
B) Dekabr, ýanwar, fewral.
Ç) Noýabr, dekabr, ýanwar.
D) Ýanwar, fewral.

**2. Gyşda teplisalarda nähili ekinler ýetişdirilýär?**

A) Dürli miwe, gök önümler, otlar.
B) Alma, armyt, üzüm.
Ç) Gawun, garpyz.
D) Hemme ekinler ýetişdirilýär.

**3. Haýsy haýwanlar gyşda öýde we fermalarda bakylýar?**



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

A) Aýy, tilki, durna.
B) Bürgüt, düýe, leglek.
Ç) Sygyr, at, towuk.
D) Goýun, sugun, kepderi.

**4. Baharda howa ýagdaýy nähili bolýar?**
A) Günler gaty gyzýar.
B) Baharda günler maýlaýar, ýagyn köp ýagýar.
Ç) Günler sowap, suw doňýar.
D) Gar ýagyp, sowuk bolýar.

**5. Nowruz baýramy nähili baýram?**
A) Täze ýyl, täze gün baýramy.
B) Bahar başlaýan baýram.
Ç) Gyş gutarýan baýram.
D) Gije-gündiz deňligi baýramy.

**6. 21-nji mart nähili gün?**
A) Bahar başlanýan gün.
B) Gijesi bilen gündizi deň bolýan gün.
Ç) Gyş gutarýan gün.
D) Daragtlar gülleýän gün.

**7. Baharda birinji bolup haýsy güller açylýar?**
A) Bägül.
B) Çigildem.
Ç) Podsnežnik, gülälek.
D) Peçekgül.

**8. «Gara sowuk» nähili sowuk?**
A) Baharda birden düşýän sowuk.
B) Gyşda günüň birden sowap gitmegi.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ç) Reňki gara sowuk.
D) Gardan soň gelýän sowuk.

**9. Baharda haýsy guşlar uçup gelýär?**

A) Garlawaç, bilbil, durna, leglek.
B) Garga, gumry, serçe.
Ç) Garaguş, baýguş.
D) Bürgüt, caýcaňňalak.

**10. Adamlar özüne gerekli ähli zady nireden alýar?**

A) Bazardan.
B) Dükanlardan.
Ç) Tebigatdan.
D) Bir-birlerinden.

**11. Milli baglar, goraghanalar näme üçin döredilýär?**

A) Tebigatyň baýlyklaryny goramak, öwrenmek we köpeltmek üçin.
B) Adamlar dynç almagy üçin.
Ç) Owadan bag etmek üçin.
D) Suwy saklap galmak üçin.

**12. Şäherleriň obalardan tapawudy nämede?**

A) Şäherler obalardan örän uly bolýar.
B) Ilaty köp bolýar.
Ç) Binalar köp etažly edip gurulýar.
D) Jogaplaryň üçüsi-de dogry.

**13. Ýurdumyzdaky iň uly we owadan şäher haýsy şäher?**

A) Samarkant. B) Andijan.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

Ç) Buhara. D) Daşkent.

**14. Obalarda nämeler gurulýar?**

A) Täze mekdepler.
B) Sport meýdanlary.
Ç) Owadan öýler.
D) Jogaplaryň üçüsi-de dogry.

**15. Maýyň ahyry we tomsuň başynda nähili miweler bişýär?**

A) Hyýar, pomidor.
B) Zamça, gök önümler.
Ç) Klubnika, çereşnýa, erik.
D) Jogaplaryň üçüsi-de dogry.

## TOMUSKY ÝUMUŞLAR

Çagalar, siz tomusky dynç alyş wagtynda okuwçylar seýilgählerinde dynç alýarsyňyz, ata-enäňiz, aga-inileriňiz bilen tebigatyň gözel, salkyn ýerlerinde bolýarsyňyz.

Nirede bolsaňyz-da «Bizi gurşaýan älem» derslerinde öwrenen zatlaryňyzy şol ýerde görersiňiz. Görenleriňizi hekaýa edip ýazyň, surat çekiň, gerbariý taýýarlaň. Bular hakynda üçünji synpa geleniňizde gürrüň edersiňiz.

Tomusda gowy dynç alyň.



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# TEST SORAGLARYNYŇ JOGAPLARY

## 1-nji ýarym ýyl üçin düzülen testleriň jogaby

| Sorag | Jogap | Sorag | Jogap | Sorag | Jogap |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | D | 6 | Ç | 11 | B |
| 2 | D | 7 | D | 12 | D |
| 3 | A | 8 | A | 13 | B |
| 4 | D | 9 | A | 14 | Ç |
| 5 | A | 10 | B | 15 | B |

## 2-nji ýarym ýyl üçin düzülen testleriň jogaby

| Sorag | Jogap | Sorag | Jogap | Sorag | Jogap |
|---|---|---|---|---|---|
| 1 | B | 6 | B | 11 | A |
| 2 | A | 7 | Ç | 12 | D |
| 3 | Ç | 8 | A | 13 | D |
| 4 | B | 9 | A | 14 | D |
| 5 | A | 10 | Ç | 15 | D |



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

# MAZMUNY

## Bizi gurşaýan älemi öwrenýäris

1-§. Bizi gurşaýan älem ................................3
2-§. Tebigatdaky jisimler we maddalar ..........6
3-§. Howa ýagdaýy .....................................9

## Ülkämizde güýz

4-§. Ýylyň pasyllary .................................13
5-§. Güýzüň nygmatlary ............................16
6-§. Jemgyýetçilik peýdaly zähmet .............21
7-§. Güýzde haýwanlaryň we mör-mojekleriň ýaşaýşy ...........................................23
8-§. Ülkämizde duşýan guşlar ....................27
9-§. Ösümlikleriň gyşa taýýarlanyşy ...........31
10-§. Gerbariý taýýarlamak .......................34
11-§. Kärler barada....................................36

## Ene topragymyz

12-§. Ýer — planeta...................................39
13-§. Ýeriň hereketleri...............................42
14-§. Wagt ölçeg birlikleri .........................44
15-§. Ýer üstüniň gurluşy ..........................46
16-§. Suw — ýaşaýşyň çeşmesidir ...............49
17-§. 1-nji ýarym ýylda alan biliminizi barlap görmek üçin testler..................52



*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Ülkämizde gyş

18-§. Gyş ....................................................55
19-§. Gyşky zähmet...................................57
20-§. Öý haýwanlarynyň gyşdaky ýaşaýşy....60
21-§. Ýabany haýwanlaryň gyşdaky ýaşaýşy..62

## Ülkämizde bahar

22-§. Baharda ösümlikleriň ýaşaýşy...............65
23-§. Ösümlikler nähili köpeldilýär?..............69
24-§. Baharky zähmet................................72
25-§. Baharda mör-möjekleriň ýaşaýşy..........74
26-§. Nowruz — täze gün...............................77
27-§ Baharda ülkämize uçup gelýän guşlar..80
28-§. Ülkämizdäki öý we ýabany haýwanlar...83
29-§. Adam we tebigat ...............................85
30-§. Şäherler we obalar..............................89
31-§. Ýaz — geçýär saz.................................93
32-§. 2-nji ýarym ýylda alan bilimiňizi barlap görmek üçin testler................96
Tomusky ýumuşlar........................................99

## Test soraglarynyň jogaplary

1-nji ýarym ýyl üçin düzülen testleriň jogaby....................................................100
2-nji ýarym ýyl üçin düzülen testleriň jogaby....................................................100

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

**POTIHKAMOL G‘ULOMOV,**
**SHAHRIXON MIRZAXMATOVA**

# ATROFIMIZDAGI OLAM

*Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining*
*2-sinfi uchun darslik*

**Qayta ishlangan va to‘ldirilgan**
**oltinchi nashri**

*(Turkman tilida)*

Cho‘lpon nomidagi nashriyot-matbaa ijodiy uyi
Toshkent – 2018

*Terjime eden* ***Kamiljan Hallyýew***
*Redaktor* ***Jumanazar Metýakubow***
*Çeper redaktor* ***Azamat Ýuldaşew***
*Tehredaktor* ***Ýelena Toloçko***
*Korrektor* ***Dilafroz Çaryýewa***

Lisenziýa nomeri AI № 163. 09.11.2009. Çap etmäge 2018-nji ýylyň 23-nji aprelinde rugsat edildi. Möçberi $70 \times 90^{1}/_{16}$. Ofset kagyzy. SHKOLNAYA TUR garniturasy. Kegli 17, 15. Şertli çap listi 7,60. Neşir listi 7,30. 969 nusgada çap edildi. Şertnama № 41–2018. Buýurma № 124-18.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň Çolpan adyndaky neşirýat-çaphana döredijilik öýi. 100011, Daşkent, Nowaýy köçesi, 30.
Telefon: (371) 244-10-45. Faks: (371) 244-58-55.

Özbegistanyň Metbugat we habar agentliginiň «O‘qituvchi» neşirýat-çaphana döredijilik öýünde çap edildi. 100206, Daşkent, Ýunusabat, Ýangişäher, 1.

**Gulamow, P.**
A 87 Bizi gurşaýan älem [Tekst]: 2-nji synp üçin derslik / P. Gulamow, Ş. Mirzahmatowa; jogapkär redaktor: H. Wahabow. – Gaştadan işlenen we doldurylan altynjy neşir — D.: Çolpan adyndaky NÇDÖ, 2018. – 104 s.
ISBN 978-9943-05-819-4

**UO‘K 372.362.(075)**
**KBK 20.18я71**

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE

Все учебники Узбекистана на сайте UZEDU.ONLINE

## Ulanmaga berlen okuw kitabynyň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| № | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnan wagtyndaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly | Dersligiň tabşyrandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçysynyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | | | | | | |
| 2 | | | | | | |
| 3 | | | | | | |
| 4 | | | | | | |
| 5 | | | | | | |
| 6 | | | | | | |

## Okuw kitaby ulanmaga berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtaryp alnanda ýokarky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky bahalamak tertibine esaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Okuw kitabynyň ilkinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy |
| **Ýagşy** | Jilti gowy, okuw kitabynyň esasy böleginden bölünmedik. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzgylar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Jilti ýenjilen, kä ýerleri çyzylan, gyralary gädilen, okuw kitabynyň esasy böleginden bölek ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly derejede abatlanypdyr. Goparlan sahypalary ýelimlenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Jilti çyzylan, ýyrtyk, esasy böleginden aýrylan, ýyrtylan ýeri düşüp galan, kanagatlanarsyz derejede abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, listleri ýetişmeýär, çyzyp taşlanan. Okuw kitabyny gaýtadan dikeldip bolmaýar. |

*Книга предоставлена исключительно в образовательных целях
UZEDU.ONLINE